THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Prezidenti Türkiýäniň milli goranmak ministrini kabul etdi

2024-nji ýylyň 26-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Aşgabatda Türkiýäniň milli goranmak ministri Ýaşar Güleri kabul etdi. Bu barada Türkmenistanyň resmi metbugaty habar berdi.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany dostlukly ýurduň milli goranmak ministriniň Aşgabada iş saparynyň ähmiýetine ünsi çekip, geçiriljek gepleşikleriň we duşuşyklaryň bu ulgamda türkmen-türk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda Goranmak we harby ulgamda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýete eýedigi aýratyn bellenildi. Türkmenistanyň döwlet Baştutany Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny nygtady.

Türkmen Watan goragçylarynyň hünärlerini kämilleşdirmek we harby işiň öňdebaryjy usullaryny öwrenmek boýunça Türkiýede geçirilýän okuwlara gatnaşýandyklary we ýurduň milli goşunynyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini döwrebaplaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak ulgamynda yzygiderli ýagdaýda tejribe alşylýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň döwlet Baştutany we myhman bu ulgamda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Все права защищены

22.11.2024